Ýurdumyzyň şu günki güni we ertirki röwşen geljegi ýaş nesliň bilim-terbiýesine, döwrebap dünýägaraýşyna berk baglydyr. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda ýaşlarymyz döwletiň üns merkezinde saklanyp, olara milli ýörelgelerimiz bilen dünýä tejribesini utgaşdyryp öwrenmäge doly şertler döredilýär.
Ýaşlar — bu diňe bir geljegiň eýeleri däl, eýsem şu günki döredijilikli ösüşiň hereketlendiriji güýjüdir. Olar öz zehinlerini, täzeçillik pikirlerini we uly yhlasyny Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, medeni gymmatlyklarymyzy baýlaşdyrmaga gönükdirýärler. Olaryň her bir ylmy açyşy, her bir sport ýeňşi, her bir sungat eseri, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň şöhratyny äşgär edýär.
Watana söýgi we jogapkärçilik duýgusy bilen kemala gelen ýaşlar, parahatçylyk ýörelgelerini baş maksat edinýärler. Olar halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda, dostluk köprülerini gurmakda özleriniň gujur-gaýratyny gaýgyrmaýarlar. Ýaşlaryň ynamly sesi dünýä giňişliginde ýaňlanyp, ýurdumyzyň bitaraplyk we ynsanperwerlik syýasatyny dabaralandyrýar.
Parahatçylyk döwründe ýaşlaryň kalbyndaky ylham we gujur-gaýrat, biziň ählimiziň bagtyýar we abadan durmuşymyzyň berk binýadydyr.

**Serdar ATAŞOW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 29.01.2026